# Maňa «Zehinli şahyr» diýlende «Zehinli» sözüni çyzan edebiýatça

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Maňa «Zehinli şahyr» diýlende «Zehinli» sözüni çyzan edebiýatça Oňarypsyň! Wah, men gaty kütek-le,
Zehin nämişlesin bu däli başda.
Özümem şol sözi rowa görmezdim
Magtymguly bilen Puşkinden başga.

«Ýer-gök arasynda ýeke hudaý bar –
Ol hem aýal!»–diýen Kerbaba dagy,
Diýerdim: «Berdişka, inim, ýaş bolýaň,
Saýgaryp bileňok sol bilen sagy».

Lorkaň şygyrlarny ykrar etmezdim!
Gepletmezdim nemeslerde Geýnäni.
Haýýama diýerdim: «Meý janyň aljak,
Ne Maňňydy bilýäň, ne-de Daýnany».

Alatoganyňy oňar Ýesenin!
Kemine, geziber içmegiň bilen.
Walla, ataň-babaň şygyr ýazypmy,
Dogru-da, namartlap gaçmagam bolar.

Kepelede öýüň dik-de, şeýle diý:
«Besdir indi, goý, özgäni çekeläň».
Zehin näme, ýarowjana gygyr-da,
Gez yzynda bir bölejik çekenäň…

1984 ý. Goşgular